# Bagt (polýak tymsaly)

Category: Filosofiýa
написано kitapcy | 21 марта, 2025



Bu waka üç dogan bilen baglanyşykly. Olar hemişekileri ýaly, gün-güzeranyň gözleginde alys ýurtlara gitmegi ýüreklerine düwýärler. Ýöne maslahat edip, syýahata gezekli-gezegine gitmeli edipdirler. Düşnükli ýagdaý – ilki bilen uly dogan ýola düşýär.

Egrem-bugram ýol bilen gidip barýan uly doganyň öňünden ullakan bir çukur çykypdyr. Seretse, çukuryň içinde kimdir biri otyrmyşyn. Uly dogan ondan: «Kim sen?» diýip sorasa: «Men – bagt» diýip jogap beripdir. Uly dogan geň galyp, çukura seredip duruberipdir. «Saňa näme gerek?» diýip bagt ondan sorapdyr. Uly dogan biraz pikirlenip: «Baý bolasym gelýär» diýip jogap beripdir. Bagt onuň aýdyşy ýaly edipdir.

Şeýdip, uly dogan begenip, yzyna – öýlerine tütjar baý bolup dolanypdyr. Ýolda onuň öňünden ortanjy dogany çykypdyr. Bolan zatlary eşidip, ol hem şol çukuryň ýanyna barypdyr. Bagt oňa-da şol bir sowaly beripdir. Ortanjy dogan bagtdan bir gözel

gyzy gelinlik hökmünde sorapdyr. Şeýlelikde, gezek doganlaryň kiçisine-de ýetipdir. Ol çukuryň agzyna baran badyna bagt: «Saňa näme gerek?» diýip sorapdyr. «A saňa näme gerek?» diýip, doganlaryň kiçisi onuň özüne sorag beripdir. «Wah, şu çukurdan çykybilsem bolýar» diýip, bagt jogap beripdir. Körpe dogan bagty çukurdan çykarypdyr-da, ýoluny dowam etdiripdir. Bagt hem onuň yzyna düşüberipdir.

***Rus dilinden terjime eden Gurbangeldi HOMMADOW,***
***Türkmen döwlet medeniýet institutynyň talyby.***